# Essalam-u…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Essalam-u… ESSALAM-U…

Ýagşy aga ýatyr hassa,
Demin alýar assa-assa.
Şeriň muňa göhi gelýär,
Ýamanlygy müň bir esse.

Belent ýakyp alawyny,
Çawradyp ýör ýalawuny.
Goýberipdir jylawyny,
Essalam-u, ýalan aga.

Degene gözüm menden däl,
Bir,iki, üç… ýok, çenden kän.
Görüşeniň diýrler şeýtan,
Essalam-u, şeýtan aga.

Täret kylyp telli-pelli,
Namaz okanlar köpeldi.
Çepbi, Jetdi, Dötdi, Betdi…
Essalam-u, yslam aga.

Garasyna gara diýen,
Berimine para diýen,
Kä gök, käte ala geýen
Essalam-u, wyžždan aga.

Hatyn misli göwnüň tapar,
Dogan-gardaş ýolun ýapar.
Birde gapar, birde deper,
Essalam-u, aýjyn aga.

Ýalana özün gapjadyp,
Çyn barýar atyn sepjedip.
Barýan-a däldir ol gaçyp,

Essalam-u, çyn aga.

Şygyr göwün ynanjyňdyr,
Çökgün çagyň daýanjyňdyr.
Pagtabendi gynanjyňdyr,
Essalam-u, gynanç aga.

31.10.2016. Goşgular